


# Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň bezeg-grafika işleri hakda

Türkmenistanda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sporty ösdürmek boýunça uly işler alnyp barylýar. 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny geçirmek bilen Türkmenistan özüniň ýokary derejeli çäreleri gurnamaga ukyplydygyny subut etdi we sportuň merkezine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan halkara syýasatynyň oňyn netijeleri esasynda, 2018-nji ýylda ýurdumyz ýene bir uly sport baýramyny geçirmäge mynasyp görüldi. Şu ýylyň noýabr aýynyň 1 – 10-y aralygynda geçiriljek Agyr atletika boýunça dünýä çempionatyna paýtagtymyz Aşgabat ýer eýeçiligini edýär. Tutuş dünýäniň ünsüni çekjek bu halkara ýaryş ýurdumyzyň sporta bolan söýgüsini görkezmäge ýene bir mümkinçilik bolar. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda paýtagtymyz Aşgabat Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny taryhy waka öwürdi. Şonuň ýaly-da Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň ýokary guramaçylykly we ýatlamalara baý çäre bolmagy üçin uly işler amala aşyrylýar.

«Ashgabat 2018» diýlip atlandyrylýan Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň nyşany hormatly Prezidentimiziň özi tarapyndan tassyklanyldy.

Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň nyşanyny milli dizaýn pudagynyň öňdebaryjylary bolan «Belli bezeg» hususy kärhanasynyň hünärmenleri taýýarladylar. «Belli bezeg» hususy kärhanasynyň öňki ýerine ýetiren taslamalary täze tejribe toplamaga itergi beripdir. Geçen ýyl dünýä ýaň salan Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň «Ashgabat 2017» ýazuw şekilini-de şu hususy kärhananyň hünärmenleri işläp, taýýarlapdylar.





**Daýanç BABAÝEW,**
«Belli» döredijilik studiýasynyň çeper ýolbaşçysy:

– «Ashgabat 2018» diýlip atlandyrylýan Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň nyşany döwlet Tugumyzdan ylham alyp taýýarlanyldy, onda agyr atletikaçy türgeniň abstrakt şekili bar.

Brend keşbini döretmek üçin ilkinji nobatda hormatly Prezidentimiziň «Arşyň nepisligi» atly kitabyna salgylandyk. Ondaky türkmen gölleri we nagyşlary barada içgin maglumatlar Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň brend keşbini döretmäge uly itergi berdi. Brend keşbi bir ulgam esasynda emele getirilip, ony islendik ölçegde we dürli ýerlerde ulanmaga ukyply ýagdaýda işlenildi. Onda milli haly nagyşlarymyzdan we modern grafiki şekillerden utgaşykly sazlaşyk döretdik. Döwlet baýdagymyzyň we haly nagyşlarymyzyň reňklerini-de ýerlikli ulanmaga çalyşdyk. Olaryň döwrebap we göze ýakymly äheňleri bilen özboluşly reňk öwüşginleri emele getirildi. Konsepsiýa agyr atletikaçy türgenleriň birnäçe şekilli illýustrasiýalary bilen dolduryldy. Umumylykda, sportuň bu görnüşiniň ezberligini, gaýduwsyzlygyny we tutanýerliliginiň dinamikasyny görkezýän milli brend keşp emele gelýär.

Ilkinji nobatda Aşgabadyň Halkara howa menzilinde, şäheriň görnükli ýerlerinde, Olimpiýa şäherçesinde we ýaryşyň geçiriljek ýeriniň esasy girelgesinde ornaşdyryljak brend keşbi we brend grafikalar ýaryşa gelenlerde we tomaşaçylarda Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň atmosferasyny döreder.

Desganyň içindäki esasy ýaryş meýdançasynda Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynyň halkara we dünýä ülňülerinde geçirilmegi üçin ähli bezegler göz öňünde tutuldy. Brend grafikalar türgenlerde uly hyjuw döreder we göni ýaýlymda tutuş dünýä ýüzüne ýaryşyň ýokary guramaçylygyny görkezer.

Brend keşbi bilen bezelen dürli sowgatlyk önümler ýaryşa tomaşa etjek ildeşlerimize we daşary ýurtly myhmanlara dünýä çempionatyndan ýadygärlik sowgat bolup galar.

Türkmen hünärmenlerine şeýle uly çäreleriň, halkara derejesindäki sport ýaryşlarynyň bezeg işlerini, uly taslamalary işlemäge döredýän mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, ähli işleri rowaç bolsun!

Möçberi 16 sahypa. Formaty A3. A-94769. Indeksi 69493. Gazet 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. Bahasy 2 manat. Tiražy 5 814.

Biznes reklama
ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ SÖWDA WE DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLAR MINISTRLIGI

BAŞ REDAKTOR
Seýitmyrat GELDIÝEW

HABARLAŞMAK ÜÇIN:
Kabulhana – 21-97-19 (Faks)
Bölümler – 21-97-61 / 21-64-02
Buhgalteriýa – 21-97-18
Mahabat bölümi – 21-97-62

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri,
Bitarap Türkmenistan şaýoly, 101/1.

BELLIK: Gazet hepdäniň duşenbe güni çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär.

E.poçtalary - biznes.reklama@list.ru; biznes.reklama.newspaper@gmail.com